# Ýene saña

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýene saña ÝENE SAÑA

Şu oduň başynda beýan edýärin,
Ak kagyza siňen duýgularymy.
Gör, galamam çyrşamaga dözenok,
Içki hasratlarmy, gaýgylarymy.

Oduň tüssesine gamaşýar gözüň,
Çirkeýler her ýanda çirkildeşýärler.
Ýüregim hem aňym, bedenim, ruhum,
Seni unutmaga türgenleşýärler.

Seni unutmak diýmek,
«Şat bolmak» diýmek.
Seni unutmak goşgylarmyň nokady.
Aglardyň, aglardyň, aglarsyň dözmän,
Ony saňa bolaýsady okadyp.

Ýöne seni aglatmaga dözmeýän.
Saňa derek men aglaýyn barybir,
Barybir men,
Aglamaga öwrenşen.

Gerçeknazar AMANNAZAROW.